# Miniatýura sungatynyň Seljuklar döwründen soňky döwürlere degişli ýollary we mekdepleri

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty
написано kitapcy | 23 января, 2025

Miniatýura sungatynyň Seljuklar döwründen soňky döwürlere degişli ýollary we mekdepleri MINIATÝURA SUNGATYNYŇ SELJUKLAR DÖWRÜNDEN SOŇKY DÖWÜRLERE DEGIŞLI ÝOLLARY WE MEKDEPLERI

## ■ Ilhanylaryň döwri (1256-1355 ýý.)

Miniatýura sungatynyň Ilhanylaryň döwründäki ýoluna käbir ýazgylarda Ilhany-mongol äheňi hem diýilýär. Bu ugur boýunça ýazgylarda Töwriz meкdebiniň miniatýuralary nusga hökmünde öňe çykarylýar. Bu döwürde, Ahmet Musa degişli edilen «Mirajnama» eseriniň, şonuň ýaly-da, «Kalila we Dimna» atly eseriň, «Demotte Şanamasynyň» hem-de «Jamy-at Tawaryh» atly eseriň miniatýuralary ähmiýetli nusgalar hasap edilýär. Ýene-de bu döwre degişli miniatýura nusgalarynyň hatarynda, «Menäfi el-haýwan» (New York, Pierpont Morgan Lib. M. 500) atly eserde, Birunynyň «El-asär el bäkiýa» («Gadymy ynsanlar hronologiýasy», Edinburgh uniwersiteti. Kit № 161) atly eserinde we Muizziniň «Diwanynda» (London, India office Lib. № 912) bar bolan suratlary aýratyn belläp geçmek bolar.

## ■ Memlük türkmenleriniň Bahry memlükleri döwri (1250-1390 ýý.)

XIII asyrda Ýakyn Gündogarda iki ägirt syýasy güýç orta çykypdy. Olaryň birinjisi mongollar, ikinjisi bolsa, rehimsiz mongollaryň goşunlarynyň Mesopotamiýa we Siriýa topraklaryndaky ileri süýşmeleriniň öňüni alan Memlük türkmenleridi. Müsürde Eýýuby türkmenleriniň hanedanlygynyň gowşamagynyň netijesinde syýasysahna çykan Memlük

türkmenleriniň döwleti 1250-nji ýylda Aýbeg Türkmen tarapyndan binýat edilipdir. Bu döwletiň ömri iki döwre: Bahry memlükleriniň (Deňiz memlükleriniň) döwrüne we Burjy memlükleriniň (Gala memlükleriniň) döwrüne bölünýär. Memlük türkmenleriniň golýazma kitaplaryndaky suratlar Seljuk türkmenleriniň nakgaşlyk sungatynyň täze bir äheňde teswirlenmeginiň peýda bolandygyny görkezýär. Miniatýura suratlary çekilen Memlük türkmenleriniň golýazma kitaplarynyň hatarynda «Makamat» atly eseriň golýazmalaryny (Wena Milli kit. A.F.9; Oxford, Bodlean Library/Marsh 458/; London British Museum /Add. 21.114/; London British Museum /Or. 9718;), «Kalila we Dimna» atly eseriň golýazmalaryny (Cambridge, Corpus Christi College; Münhen, Arab 616; Paris Bibliotheque Nationale /Arabe 3467/; Oxford, Bodlean Library / Pocock 400/;), «Kitab el-Haýwan» (Milano, Biblioteka Ambrosiana Ar.A.F. 140 Inf.), «Keşf el-Esrar» (Süleymaniye Camisi Kitaplıgı Kala İsmail 565) we «Haýwany hekaýatlar» (Washington, D.C., Freer Gallery of Art /54, 2/) ýaly kitaplary görkezmek bolar. 29

## ■ Injularyň (1303-1353 ýý.), Jelaýyrylaryň (1336-1432 ýý.), Muzaffarylaryň (1314-1393 ýý.) döwürleri

Injular, Jelaýyrylar, Muzaffarylar XIV asyrda taryh sahnasyna çykan, il-ulusy ildeşlerimizden bolmadyk we gysga bir süre içinde häkimlik eden hanedanlyklardyr.

Bu döwürlerde, «Şanama» eserine degişli miniatýuralar öňe çykarylýar. Şonuň bilen birlikde-de, Kazwininiň «Ajaýyp al-Mahlukat» (Pariž, Bibliotheque nationale suppl. Pers. 913) atly eserindäki, Hajy Kermanynyň «Hamsa» (London, British Museum, Add. 11813) eserindäki, Soltan Ahmediň «Diwanyndaky» (Washington D. C. Freer Gallery of Art № 32, 35) we Ebu Mashar Balhynyň «Kitab el-Bulhan» (Oxford, Bodleian Library Or. 133) atly eserindäki miniatýuralar we beýlekiler Jelaýyrylara degişli edilýär. Bu möwrütde beýleki döwürlerde hem işlenilen «Kalila we Dimna» eseriniň nusgalary ýaly kitaplar hem döredilipdir. Eýrandaky Şiraz we Töwriz mekdepleri uly

ähmiýetlilik gazanypdyr.

K.BAÝRAMOW,
A.ALMÄMMEDOW. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty